# Annasoltan Kekilowa

Category: Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Annasoltan Kekilowa

ANNASOLTAN KEKILOWA

Biz talyp ýyllarymyzda, geçen asyryñ altmyşynjy ýyllarynda Annasoltan Kekilowany redaksiýalara baranymyzda käte görerdik. Ol şol döwürde ''Mydam taýýar'' gazetinde işleýärdi. Şol gazetde £urnalist Berdimuhammet Ataýew-de zähmet çekýärdi. Ol Annasoltanyñ gowy şahyrdygyny nygtap, onuñ özüni alyp barşynyñ adaty däl taraplary hakda hem bize gürrüñ bererdi. Annasoltanyñ şol döwürde neşir edilen ''Gara saçlarym'' diýen kitabyny hezil edip, gowy görüp okardyk. Onuñ özüni juda erkin alyp barşy, käte Ýewropaça geýnişi käte-de tüýs türkmen maşgalasyna mahsus keteni köýnekli, tahýaly hem gyrma köwüşli redaksiýa barşy ýadyma düşýär. Ol käte Gurbannazar Ezizow bilen talyplaryñ ýaşaýyş jaýyna çykyş etmäge gelerdi. Şol döwürde onuñ ''Gözledim seni'' diýen aýdymy meşhurdy. Ol Gurbannazara degip, ''Saña näçe gowy şahyr diýseler-de,şunuñ ýaly aýdym ýazyp bilmersiñ''diýýärdi. Gurbannazar Annasoltanyñ gönümelligine belet bolansoñ, oña garşylyk görkezmän, mawy gözlerini güldürip, ýylgyryp oñýardy.
Talyplar bilen şeýle duşuşyklaryñ birinde duşuşyga suratçy Alekper Guseýnowyñ hem geleni ýadyma düşýär. Şonda ol Annasoltany aýratyn surata düşüripdi. Gurbannazar Alikpere, ''Alikper, hany surat alýanyñy maña ber. Men Annasoltany özüm isleýşim ýaly edip, surata düşüreýin'' diýdi. Alikper apparatyny taýýarlap berdi. Gurbannazar hem Annasoltanyñ suratyny aldy. Şu sahypada ýerleşdirilen surat  Gurbannazar Ezizowyñ alan şol suraty.
Bu gün men şu suraty synlanymda, talyp ýyllarym, ýaşlygym ýadyma düşýär. Annasoltan erkin pikirli, duýgulary gursagyna sygmaýan şahyr gyzdy. Biz onuñ bilen ýakyndan tanyş bolmasakda, ony gowy şahyr hökmünde tanaýardyk.

''Garagum'' £urnaly şu sandan başlap, ''Kalba siñen aýdymlar'' diýen bölümi açmagy we şol bölümde öz döwründe meşhurlyk gazanan, kalplary heýjana salan aýdymlary çap etmegi göz öñünde tutýar. Gurbannazar Ezizowyñ düşüren suraty, Annasoltan Kekilowanyñ öz döwründe meşhurlyk gazanan iki aýdymy okyjylaryñ göwünlerinden turar diýip ynanýaryn.

Atamyrat ATABAÝEW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy.

''Garagum'' žurnaly N0:3 2009

Ýatlamalar